TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
–BERKARAR DÖWLETIMIZ GARAŞSYZLYGYNYŇ ILKINJI GÜNLERINDEN HALKARA GATNAŞYKLARDA BITARAPLYK, DEŇHUKUKLYLYK WE HOŞNIÝETLI GOŇŞUÇYLYK ÝALY ATA-BABALARYMYZDAN GELÝÄN KADALARA EÝERIP GELÝÄR. GEÇEN TARYHY DÖWÜR BITARAPLYK SYÝASATYNYŇ MILLI BÄHBITLERIMIZE, BIRLEŞEN MILLETLER GURAMASYNYŇ MAKSATLARYNA DOLY LAÝYK GELÝÄNDIGINI AÝDYŇ GÖRKEZDI.

ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA
TÜRKMENISTAN
10-njy dekabr, 2025. Belgisi 50/1668




# TÜRKMENISTANYŇ HEMIŞELIK BITARAPLYGY – PARAHATÇYLYGYŇ WE ÖSÜŞIŇ BINÝADY

**6-njy dekabrda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow welaýatlaryň häkimleriniň, ýurdumyzyň daşary ýurtlardaky diplomatik wekilhanalarynyň, konsullyk edaralarynyň we halkara guramalaryň ýanyndaky wekilhanalarynyň ýolbaşçylarynyň gatnaşmagynda Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisini geçirdi. Onda Bitarap döwletimiziň halkara giňişlikde alyp barýan daşary syýasatyna degişli möhüm meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy.**

### HALKARA HYZMATDAŞLYGYNA DEGIŞLI ALNYP BARLAN IŞLERIŇ JEMLERI JEMLENDI

Hormatly Prezidentimiz mejlise gatnaşyjylara ýüzlenip, mejlisde 2025-nji ýylda Türkmenistanyň halkara hyzmatdaşlygyna degişli alnyp barlan işleriň jemleriniň jemlenjekdigini, ýurdumyzyň daşary syýasatynyň möhüm ugurlarynyň we geljek ýyl üçin ileri tutulýan wezipeleriň ara alnyp maslahatlaşyljakdygyny aýtdy. «Bu işlerde Garaşsyz döwletimiziň hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýyndan hem-de «Türkmenistanyň daşary syýasat ugrunyň 2022 – 2028-nji ýyllar üçin Konsepsiýasynda» öňde goýlan wezipelerden ugur alýarys» diýip, döwlet Baştutanymyz belledi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredowa söz berildi. Bellenilişi ýaly, türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň ýoluny dowam etdirýän döwlet Baştutanymyzyň parasatly baştutanlygynda ýurdumyzyň daşary syýasaty «Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasat ugrunyň 2022 – 2028-nji ýyllar üçin Konsepsiýasynyň» esasynda durmuşa geçirilýär. Mälim bolşy ýaly, ýurdumyzyň Bitaraplyk ýörelgelerine esaslanýan döwrebap daşary syýasatynyň binýatlary Gahryman Arkadagymyz tarapyndan köp ýyllaryň dowamynda yzygiderli ösdürilýär. Türkmen halkynyň Milli Lideriniň döwletimize baştutanlyk eden ýyllarynda öňe süren «Ösüş arkaly parahatçylyk» şygary ösüşiň ähli ugurlarynyň diňe durnuklylyk we parahatçylyk şertlerinde mümkin bolýandygyny aýdyň görkezýär. Gahryman Arkadagymyz tarapyndan öňe sürlen «Dialog – parahatçylygyň kepili» atly filosofiýa bolsa häzirki zaman halkara gatnaşyklarynda täze filosofik garaýyş bolmak bilen, ýüze çykýan halkara we döwletara meseleleriň diňe dialog, ýagny gepleşikler we syýasy-diplomatik serişdeler arkaly çözülmeginiň zerurdygyny nygtaýar. Şol bir wagtda hormatly Prezidentimiz tarapyndan teklip edilen «Parahatçylyk we ynanyşmak» ýörelgesi dünýäde durnukly ösüşi güýçlendirmegiň halklardyr döwletleriň arasynda ynanyşmagy pugtalandyrmak arkaly mümkindigini subut edýär. Bu başlangyçlar bir bitewi düşünjäni emele getirip, ol parahatçylygyň ösüşi döredýändigi, ynanyşmagyň bolsa netije hökmünde howpsuzlygy we durnukly ösüşi berkidýändigi baradaky çuňňur pikiri özünde jemleýär.

Wise-premýer, daşary işler ministri bu wajyp syýasy taglymatlaryň häzirki döwrüň halkara şertlerinde halklaryň we döwletleriň jebisleşmegi, parahatçylyk hem-de ynanyşmak medeniýetiniň dünýä syýasatynyň derwaýys şerti hökmünde kesgitlenilmegi üçin ygtybarly esas bolup hyzmat edýändigini, ýurdumyzyň bu gymmatlyklary dünýä bileleşiginiň derejesinde öňe sürýän başlangyçlary arkaly durmuşa geçirmäge işjeň gatnaşýandygyny belledi. Döwlet Baştutanymyzyň Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 80-nji sessiýasynyň ýokary derejeli plenar mejlisinde eden çykyşynda öňe süren teklipdir başlangyçlary hem ýurdumyzyň halkara hyzmatdaşlygyny mundan beýläk-de täze many-mazmun bilen baýlaşdyrmaga gönükdirilendir. Türkmen diplomatlary olary döwletimiz tarapyndan BMG we beýleki halkara düzümler bilen bilelikde iş ýüzünde amala aşyrarlar.

R.Meredow hormatly Prezidentimiziň Türkmenistanyň diplomatik gullugynyň işlerine aýratyn üns berýändigini, bu gulluga hemmetaraplaýyn ýardam edýändigini, hususan-da, onuň guramaçylyk, hukuk, maliýe we maddy-tehniki binýadyny kämilleşdirmek, işgärleriň iş, ýaşaýyş-durmuş şertlerini gowulandyrmak babatda yzygiderli goldaw berýändigini aýdyp, döwlet Baştutanymyza diplomatik gullugyň ähli işgärleriniň adyndan tüýs ýürekden hoşallyk bildirdi. Şol bir wagtda hormatly Prezidentimiziň diplomatik işgärleri taýýarlamak we olaryň hünär derejesini ýokarlandyrmak boýunça berýän ýardamlarynyň diplomatlar üçin aýratyn gymmatlydygyna üns çekildi.

### BITARAPLYGYMYZYŇ ŞANLY 30 ÝYLLYGY ÝURDUMYZDA WE DAŞARY ÝURTLARDA GIŇDEN BELLENILDI

Soňra hormatly Prezidentimiz mejlise gatnaşyjylara ýüzlenip, Türkmenistanyň başlangyjy boýunça Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan «2025-nji ýyl – Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» atly Kararnamanyň biragyzdan kabul edilmeginiň möhüm syýasy wakalaryň biri bolandygyny aýtdy. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz 2025-nji ýylda wajyp ähmiýetli halkara çäreleriň geçirilendigini belledi.

«Birleşen Milletler Guramasynyň esaslandyrylmagynyň 80 ýyllyk ýubileýi bilen ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplygynyň şanly 30 ýyllygynyň gabat gelmegi Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň ähmiýetini has-da artdyrdy. Şu ýyl Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 79-njy sessiýasynyň 61-nji plenar mejlisinde bolsa ýurdumyzyň başlangyjy bilen «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» atly Kararnama biragyzdan kabul edildi. Eziz Watanymyzyň hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýynyň Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan üçünji gezek ykrar edilmegi biziň alyp barýan Bitaraplyk syýasatymyzyň mynasyp dowam etdirilýändiginiň aýdyň beýanydyr» diýip, hormatly Prezidentimiz nygtady.

Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly hem-de hemişelik Bitaraplygymyzyň şanly 30 ýyllygy ýurdumyzda we daşary ýurtlarda giňden bellenildi. Bu ugurda köp sanly iri çäreler geçirildi, möhüm resminamalar kabul edildi. Şu ýyl «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda Birleşen Milletler Guramasynyň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahaty ýokary derejede geçirildi. Türkmenistanyň halkara abraýyny hasda artdyran bu maslahatyň jemleri boýunça Awaza syýasy Jarnamasy kabul edildi, şeýle hem 2024 – 2034-nji ýyllar üçin Hereketleriň Awaza maksatnamasy yglan edildi. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 80-nji sessiýasynyň 18-nji plenar mejlisinde bolsa «Awaza syýasy Jarnamasy» atly Kararnama biragyzdan kabul edildi. Ýurdumyzyň oňyn Bitaraplyk syýasatynyň döwletimiziň milli kanunçylygyndaky ornuny has-da berkitmek maksady bilen, «Bitarap Türkmenistanyň parahatçylyk we ynanyşmak syýasatynyň hukuk esaslary hakynda» Türkmenistanyň Konstitusion kanuny kabul edildi.

Hormatly Prezidentimiz ýakyn günlerde paýtagtymyz Aşgabat şäherinde geçiriljek Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň wekilçilikli forumynyň döwletimiziň parahatçylyk söýüjilikli taglymatyny dünýä ýaýmakda möhüm ähmiýete eýe boljakdygyny belledi. Bu halkara forum parahatçylyk söýüji döwlet hökmünde Türkmenistanyň abraýyny has-da belende göterer, dünýä bileleşigi tarapyndan biziň ýurdumyza, türkmen halkyna, onuň alyp barýan oňyn Bitaraplyk syýasatyna uly hormat bilen garalýandygyny görkezer. Bu wakalaryň ählisi Türkmenistanyň daşary syýasatyny giňden beýan etmek bilen, bütin dünýäde parahatçylygy, durnukly ösüşi üpjün etmek, ynanyşmak esasynda gatnaşyklary ösdürmek ugrunda alnyp barylýan işleri has-da dabaralandyrýar. ■ 2

## ÝURDUMYZYŇ BITARAPLYGY DÜNÝÄ METBUGATYNDA




**Şu günler daşary ýurtlaryň köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň ünsi 2025-nji ýylyň ähmiýetli wakasy bolan Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň şanly 30 ýyllygyna bagyşlanan çärelere gönükdi. Daşary syýasat derejäniň ýubileý senesi mynasybetli ýurdumyzda we daşary döwletlerde dürli çäreler toplumy guraldy.**

**Şu ýylyň 12-nji dekabrynda bolsa Aşgabat şäherinde döwlet Baştutanlarynyň we halkara guramalaryň ýolbaşçylarynyň gatnaşmagynda halkara forum geçiriler. Bu halkara foruma dünýäniň köpçülikleýin habar beriş serişdeleri uly gyzyklanma bildirýärler.** ■ 2

## Şanly baýrama gymmatly sowgat

*Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygynyň bellenilýän günlerinde hormatly Prezidentimiziň «Türkmenistanyň Bitaraplygy – parahatçylygyň we ynanyşmagyň aýdyň ýoly» atly täze kitabyny halkymyza sowgat etmegi halkara baýramçylygyň ähmiýetini has-da artdyrdy.*

Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy diňe bir ýurduň parahatçylykly ösüşini kesgitlemän, eýsem, tutuş sebitde durnuklylyga, hyzmatdaşlyga hem ýardam berýär.

Kitapda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan üç gezek ykrar edilen hemişelik Bitaraplygymyzyň ähmiýeti, dünýäde parahatçylygy we ynanyşmagy üpjün etmäge gönükdirilen taryhy başlangyçlar giňden beýan edilýär. Şeýle hem onda ýurdumyzda ýetilen belent sepgitleriň, gazanylan üstünlikleriň jemi jemlenýär. Şoňa görä-de, bu kitap mähriban halkymyza ajaýyp sowgat boldy.

Döwlet Baştutanymyzyň täze kitaby 9 bölümden ybarat bolup, onda türkmen Bitaraplygynyň geçen ýolunyň, ýurdumyzyň BMG-niň Baş Assambleýasynyň degişli Kararnamalary bilen üç gezek ykrar edilen Bitaraplyk hukuk derejesiniň dünýäde parahatçylygy, howpsuzlygy we durnukly ösüşi üpjün etmekdäki ähmiýeti giňden beýan edilýär. Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy 30 ýylyň içinde özboluşly ösüş ýoluny geçip, sebit we ählumumy derejede durnuklylygy üpjün etmekde ähmiýetli gurala öwrüldi.




Türkmenistanyň häzirki zaman halkara gatnaşyklary ulgamynda eýeleýän aýratyn ornuny açyp görkezýän çuň mazmunly neşirleriň hataryna döwlet Baştutanymyzyň täze eseri – «Türkmenistanyň Bitaraplygy – parahatçylygyň we ynanyşmagyň aýdyň ýoly» atly kitaby hem mynasyp goşant boldy. Bu eser dünýäde parahatçylygy, ynanyşmagy we durnukly ösüşi gazanmagyň döwlet ideologiýasy hökmünde kabul edilýän türkmen nusgasynyň syýasy-filosofik esaslaryny beýan edýär.

Kitapda Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk hukuk derejesiniň taryhy taýdan kemala gelşi, onuň halkara hukugyndaky aýratyn orny, şeýle hem dünýä döwletleri tarapyndan aýratyn ynanyşylan platforma hökmünde ykrar edilmegi giň maglumatlar bilen şöhlelendirilýär. Döwlet Baştutanymyz bu eserde Bitaraplygyň diňe bir syýasy dereje däldigini – onuň parahatçylyk döredijilik, ynsanperwerlik we döwletara gatnaşyklary sazlaşdyryjy güýç hökmünde çykyş edýändigini seljerme usuly bilen açyp görkezýär. Neşirde hormatly Prezidentimiz ýurdumyzda ýöredilýän köpugurly daşary syýasatyň esasy ugurlaryny – goňşuçylyk, sebitleýin hyzmatdaşlyk, halkara guramalar bilen işjeň gatnaşyk, ykdysady diplomatiýa, energetika we ulag ugurlary ýaly möhüm meseleleri giňişleýin beýan edýär. Kitapda aýratyn nygtalýan meseleleriň biri hem Türkmenistanyň dünýä ýurtlarynyň arasynda ynanyşmagyň we gatnaşyklaryň berkligini üpjün edýän syýasy platforma hökmünde ählumumy derejesiniň ykrar edilmegidir. ■ 2

## DÖREDIJILIK BÄSLEŞIGINIŇ ÝEŇIJILERI



**Ýurdumyzda ýaşlaryň okamagy, döredijilik bilen meşgullanmagy we saýlap alan hünärinde zähmet çekmegi üçin uly mümkinçilikler döredilýär. Watansöýüji, ukyp-başarnykly, beden taýdan sagdyn hem-de terbiýeli ýaş nesilleri kemala getirmek Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiz tarapyndan anyk kesgitlenen Türkmenistanyň ösüşiniň strategik wezipeleriniň hatarynda durýar. «Ýaşlar barada döwlet syýasaty hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň rejelenen görnüşiniň kabul edilmegi döwrümiziň iň möhüm ädimleriniň biridir.** ■ 3

## Grinspan: indiki Baş sekretar zenan bolmaly



BMG-niň Baş sekretary wezipesine zenanyň bellenilmegi baradaky çagyryşlar barha artýar. Indiki Baş sekretaryň Latyn Amerikasyndan bolmagy mümkin. ■ 4

## FIFA Dünýä Kubogy 2026-nyň bijeleri çekildi



Geljek ýylyň tomsunda Meksikada, ABŞ-da hem-de Kanadada geçiriljek 23-nji Dünýä Kubogynyň toparçalarynyň bijeleri çekildi. ■ 4

## Türkmenistan – BMG: sanlar we maglumatlar



Türkmenistan Birleşen Milletler Guramasyna agzalyga kabul edilen gününden bäri, syýasy, ykdysady, daşky gurşaw, medeni-ynsanperwer ugurlarda köpugurly hyzmatdaşlygy alyp barýar. ■ 5

# TÜRKMENISTAN – BMG: STRATEGIK WE UZAK MÖHLETLEÝIN HYZMATDAŞLYK



*8-nji dekabrda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretarynyň Ýörite wekili, BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň ýolbaşçysy Kaha Imnadze bilen duşuşdy.*

Kaha Imnadze wagt tapyp kabul edendigi üçin tüýs ýürekden hoşallyk bildirip, Gahryman Arkadagymyza BMG-niň Baş sekretary Antoniu Guterrişiň mähirli salamyny ýetirdi hem-de Türkmenistanyň ählumumy parahatçylygy we sebitde durnukly ösüşi üpjün etmäge gönükdirilen başlangyçlaryna BMG-de ýokary baha berilýändigini aýtdy. Şeýle hem ol türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň başlangyjy bilen döredilen BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkezi tarapyndan alnyp barylýan işleri ilerletmekde döwletimiziň uly goşandyny belledi.

Gahryman Arkadagymyz hoşniýetli sözler üçin minnetdarlyk bildirip, BMG-niň Baş sekretaryna iň gowy arzuwlaryny beýan etdi hem-de Halkara Bitaraplyk gününiň öňüsyrasynda BMG-niň Baş sekretarynyň Ýörite wekili bilen duşuşýandygyna örän şatdygyny aýtdy.

Nygtalyşy ýaly, 2025-nji ýyl Türkmenistanyň başlangyjy boýunça «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edildi. Bu ýylyň BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan üç gezek ykrar edilen Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygyna hem-de BMG-niň döredilmeginiň 80 ýyllygyna gabat gelmegi onuň many-mazmunyny has-da artdyrýar. Şunuň bilen baglylykda, Milli Liderimiz şanly seneler mynasybetli ýurdumyzda we daşary ýurtlarda birnäçe çäreleriň geçirilendigini belläp, ýakynda ak mermerli paýtagtymyz Aşgabatda dünýäniň köp ýurdundan ýokary derejeli wekilleriň gatnaşmagynda geçiriljek halkara forumyň şu ýylyň esasy wakasyna öwrüljekdigini aýtdy hem-de bu forumyň halkara gün tertibiniň, durnukly ösüşiň we ynsanperwer hyzmatdaşlygyň möhüm meselelerini ara alyp maslahatlaşmak üçin netijeli meýdança boljakdygyna ynam bildirdi.

Kaha Imnadze şeýle giň gerimli forumyň geçirilmeginiň Türkmenistanyň parahatçylygyň we abadançylygyň bähbidine öňe sürýän döredijilikli başlangyçlarynyň yzygiderli goldawa eýe bolýandygynyň ýene bir aýdyň mysalydygyny nygtady. Bellenilişi ýaly, häzirki wagtda Türkmenistan bilen Birleşen Milletler Guramasynyň arasyndaky hyzmatdaşlyk strategik we uzak möhletleýin häsiýete eýedir. Ýurdumyz BMG-niň ählumumy meseleleri we häzirki zaman wehimlerini çözmekdäki esasy ornuny yzygiderli goldaýar.

Gahryman Arkadagymyz Türkmenistanyň parahatçylygy goldamak, öňüni alyş diplomatiýasynyň mümkinçiliklerinden peýdalanmak, energetika howpsuzlygyny üpjün etmek, üstaşyr ulag geçelgelerini döretmek, daşky gurşawy goramak boýunça birnäçe başlangyçlary öňe sürýändigini aýtdy hem-de olaryň halkara bileleşik tarapyndan giň goldawa eýe bolýandygyny kanagatlanma bilen belledi.

Milli Liderimiz hormatly Prezidentimiziň BMG-niň Baş Assambleýasynyň 80-nji sessiýasynyň plenar mejlisine gatnaşmak maksady bilen, Amerikanyň Birleşen Ştatlaryna amala aşyran iş saparynyň möhüm ähmiýetini belledi. Bu ýubileý sessiýanyň dowamynda döwlet Baştutanymyz Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmek boýunça möhüm başlangyçlar bilen çykyş etdi hem-de Türkmenistan bilen BMG-niň özara hyzmatdaşlygynyň ugurlaryny kesgitledi.

Duşuşygyň dowamynda türkmen halkynyň Milli Lideri sebitde durnukly ösüşi üpjün etmekde, hoşniýetli goňşuçylygy we dostlukly gatnaşyklary pugtalandyrmakda BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň möhüm ornuny belledi.

BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň ýolbaşçysy Gahryman Arkadagymyza hem-de hormatly Prezidentimize sebit merkeziniň işine berýän yzygiderli goldawlary üçin tüýs ýürekden hoşallygyny beýan edip, ýurdumyz bilen bilelikdäki işiň baý tejribesine, uly mümkinçiliklere esaslanýan netijeli hyzmatdaşlygyň mundan beýläk-de pugtalandyryljakdygyna ynam bildirdi.

Duşuşygyň ahyrynda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow hem-de BMG-niň Baş sekretarynyň Ýörite wekili, BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň ýolbaşçysy Kaha Imnadze birek-birege iň gowy arzuwlaryny beýan etdiler.

# Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy – parahatçylygyň we ösüşiň binýady

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz bu ugurda halkara guramalar bilen ýola goýlan işleri mundan beýläk-de ösdürmegi netijeli dowam etdirmegiň möhümdigini nygtady.

### Türkmenistan BMG bilen köpugurly hyzmatdaşlygy pugtalandyrýar

Arkadagly Gahryman Serdarymyz sözüni dowam edip, geljek, 2026-njy ýylda ýurdumyzyň daşary syýasat we diplomatiýa işiniň esasy wezipesiniň Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan Türkmenistanyň başlangyjy boýunça kabul edilen Kararnamalary öňe sürmekden we durmuşa geçirmekden ybaratdygyna ünsi çekdi. Häzirki wagtda Türkmenistan Birleşen Milletler Guramasy bilen bilelikdäki maksatnamalary durmuşa geçirmek babatda degişli işleri alyp barýar. Şunuň bilen baglylykda, hormatly Prezidentimiz «Türkmenistan — Birleşen Milletler Guramasy» strategik maslahat beriş geňeşiniň wajyp ähmiýetiniň bardygyny aýratyn belledi.

«Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasat ugrunyň Konsepsiýasy örän giň gerimlidir we köp sanly ugurlary öz içine alýar. Geljek ýylda-da Türkmenistan ikitaraplaýyn hem-de köptaraplaýyn derejede hyzmatdaşlygy berkitmegi dowam etdirer. Goňşy ýurtlar bilen gatnaşyklar ileri tutulýan ugur bolup durýar. Şoňa görä-de, Türkmenistan Merkezi Aziýa ýurtlaryndaky, şeýle hem Hazarýaka sebitdäki döwletler bilen doganlyk, hoşniýetli goňşuçylyk we birek-birege hormat goýmaga esaslanýan gatnaşyklary dowam etdirer» diýip, hormatly Prezidentimiz nygtady. Şeýle hem Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasyna girýän döwletler bilen ykdysady, energetika, ulag-aragatnaşyk ulgamlarynda ysnyşykly hyzmatdaşlyk alnyp barlar. Türkmenistan Günorta Aziýanyň, Ýakyn we Orta Gündogaryň, Aziýa — Ýuwaş umman sebitiniň döwletleri bilen hyzmatdaşlygy has-da ösdürer. Häzirki döwürde bu sebitlerde ählumumy ykdysady we tehnologik ösüşler gazanylýar. Döwlet Baştutanymyz bu sebitleriň ýurtlarynyň hem Türkmenistan bilen hyzmatdaşlyga uly gyzyklanma bildirýändiklerine ünsi çekdi.

«Biz Aziýadan Ýewropa üstaşyr ulag geçelgesiniň böllegi bolan «Beýik Ýüpek ýoluny gaýtadan dikeltmek» strategiýasyny amala aşyrmagyň üstünde-de degişli işleri ýerine ýetirmeli. Ýewropa ýurtlary bilen birek-birege hormat goýmaga esaslanýan, deňhukukly we özara bähbitli gatnaşyklary ösdürmek hem dowam etdiriler. Şol ýurtlar bilen ýokary tehnologiýalar ulgamynda, «ýaşyl» energetika geçmekde, emeli aňy ornaşdyrmakda hyzmatdaşlyk etmäge aýratyn üns bermeli. Biz Demirgazyk we Günorta Amerikanyň, Afrika yklymynyň döwletleri bilen hem gatnaşyklarymyzy yzygiderli ösdüreris. Şunda Birleşen Milletler Guramasynda we beýleki halkara düzümlerde hyzmatdaşlygy bellemek isleýärin» diýip, döwlet Baştutanymyz aýtdy.

Hormatly Prezidentimiz mejlise gatnaşyjylara ýüzlenip, geljek ýylda hem köp sanly halkara çäreleriň geçirilmeginiň meýilleşdirilýändigine ünsi çekdi. 2026-njy ýylda ýurdumyzyň baş baýramy — mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 35 ýyllyk toýy giňden bellenip geçiler. Merkezi Aziýa döwletleriniň Baştutanlarynyň sekizinji konsultatiw duşuşygy Türkmenistanda geçiriler. Geljek ýylda Türkmenistan Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynda başlyklyk eder. Ýurdumyzda GDA-nyň döwlet Baştutanlarynyň Geňeşiniň nobatdaky mejlisi guralar. Hormatly Prezidentimiz halkara giňişlikde Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistanyň bähbitlerini goramakda ýurdumyzyň diplomatik gullugynyň işgärleriniň uly işleri alyp barjakdygyna berk ynam bildirdi.

Soňra döwlet Baştutanymyz Türkmenistanyň diplomatik gullugynyň maliýe meseleleri hakynda Karara, şeýle-de ýurdumyzyň raýatlaryny hem-de daşary ýurt raýatlaryny «Türkmenistanyň Bitaraplygynyň 30 ýyllygyna» atly ýubileý medaly we ýadygärlik nyşany bilen sylaglamak hakynda resminamalara gol çekdi.

### Ýurdumyzyň halkara abraýy barha artýar

Soňra Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasynyň ýanyndaky hemişelik wekili, Türkmenistanyň Gahrymany A.Ataýewa söz berildi. Bellenilişi ýaly, tamamlanyp barýan ýyl ýurdumyzyň ählumumy parahatçylygy, durnukly ösüşi üpjün etmegiň bähbidine dünýäniň halklary we döwletleri bilen oňyn, dostlukly gatnaşyklary ösdürmäge, iri halkara guramalar, ilkinji nobatda, BMG bilen hyzmatdaşlygy pugtalandyrmaga gönükdirilen daşary syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň yzygiderli amala aşyrylýandygyny, döwletimiziň halkara abraýynyň barha artýandygyny aýdyň görkezdi. Ýylyň dowamynda Türkmenistanyň BMG-niň ýanyndaky hemişelik wekilhanasynyň işgärleri «Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasat ugrunyň 2022 — 2028-nji ýyllar üçin Konsepsiýasyndan» ugur alyp, öz işini Türkmenistanyň halkara giňişlikdäki abraýyny has-da ýokarlandyrmaga, hormatly Prezidentimiziň we Gahryman Arkadagymyzyň parahatçylygy, howpsuzlygy, ösüşi pugtalandyrmak babatda möhüm ähmiýetli başlangyçlaryny iş ýüzünde amala aşyrmaga gönükdirdiler.

Döwlet Baştutanymyzyň sentýabr aýynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 80-nji sessiýasynyň ýokary derejeli plenar mejlisine gatnaşmagy 2025-nji ýylyň möhüm wakalarynyň biri boldy. Nygtalyşy ýaly, hormatly Prezidentimiziň Baş Assambleýanyň belent münberinden eden çuň many-mazmunly çykyşynda ählumumy parahatçylygy, howpsuzlygy, köptaraplaýyn ynsanperwer we halkara hukuk hyzmatdaşlygyny ösdürmek ýaly ugurlar boýunça anyk teklipler we başlangyçlar öňe sürüldi. Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasynyň ýanyndaky hemişelik wekili bu başlangyçlary iş ýüzünde durmuşa geçirmek maksady bilen ýerine ýetirilen işler barada hasabat berdi.

Döwlet Baştutanymyzyň halkara ähmiýetli tekliplerini amala aşyrmak babatda işleriň parahatçylygy we howpsuzlygy berkitmäge, durnukly ösüşi gazanmaga gönükdirilen ugurlar boýunça alnyp barylýandygy bellenildi.

Sebit we dünýä derejesinde parahatçylygy, howpsuzlygy pugtalandyrmak ugrundaky esasy çäreler Türkmenistanyň başlangyjy bilen BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan yglan edilen Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň çäklerinde geçirildi. Şu ýylyň 17-nji ýanwarynda BMG-niň Nýu-Ýorkdaky ştab-kwartirasynda bu guramanyň ýolbaşçylarynyň we oňa agza ýurtlaryň wekilleriniň gatnaşmagynda Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň açylyş dabarasy boldy we 2025-nji ýylyň bilelikdäki «Ýol kartasy» kabul edildi. 21-nji martda Baş Assambleýanyň 61-nji plenar mejlisinde «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» atly Kararnama biragyzdan kabul edildi. Baş Assambleýa tarapyndan bu Kararnamanyň üçünji gezek kabul edilmegi ýurdumyzyň daşary syýasat ugrunda saýlap alan Bitaraplyk nusgasynyň taryhy ähmiýetiniň uludygyny görkezýär. Şunuň bilen birlikde, Türkmenistanyň başlangyjy bilen BMG-niň çäklerinde 2020-nji ýylda döredilen parahatçylygyň, howpsuzlygyň we durnukly ösüşiň bähbidine Bitaraplygyň dostlary toparyna agza ýurtlaryň sanynyň ýylsaýyn artýandygyny bellemek gerek.

Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasynyň ýanyndaky hemişelik wekiliniň belleýşi ýaly, hormatly Prezidentimiziň sebit we dünýä derejesinde durnukly ösüşi gazanmak, halkara ykdysady gatnaşyklary ösdürmek ugrunda öňe süren başlangyçlaryny durmuşa geçirmek boýunça hem degişli işler amala aşyryldy. Şu ýylyň awgustynda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda geçirilen BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahaty bu ugurda halkara ähmiýetli wakalaryň biri boldy. BMG-niň howandarlygynda geçirilen bu çäräniň çäklerinde uzak möhletleýin we möhüm ähmiýetli halkara resminamalaryň, şol sanda 2024 — 2034-nji ýyllar üçin Hereketleriň Awaza maksatnamasynyň yglan edilendigi, Awaza syýasy Jarnamasynyň kabul edilendigi aýratyn nygtaldy.

2025-nji ýylyň 4-nji iýunynda Baş Assambleýa tarapyndan Türkmenistanyň 2026 — 2028-nji ýyllar üçin Birleşen Milletler Guramasynyň Ykdysady we Durmuş geňeşiniň agzalygyna biragyzdan saýlanylmagy halkara ykdysady ugurda gazanylan üstünlikleriň birine öwrüldi.

### Hormatly Prezidentimiziň täze kitaby

Soňra hormatly Prezidentimiz mejlise gatnaşyjylara ýüzlenip, şu ýylyň jemlenmegi bilen bagly «Türkmenistanyň Bitaraplygy — parahatçylygyň we ynanyşmagyň aýdyň ýoly» atly kitabyny ýazyp tamamlandygyny habar berdi. «Kitapda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan üç gezek ykrar edilen hemişelik Bitaraplygymyzyň ähmiýeti, dünýäde parahatçylygy we ynanyşmagy üpjün etmäge gönükdirilen taryhy başlangyçlar giňden beýan edilýär. Şeýle hem onda ýurdumyzda ýeten belent sepgitlerimiziň, gazanan üstünliklerimiziň jemi jemlenýär. Şoňa görä-de, bu kitap mähriban halkymyza sowgat bolar» diýip, döwlet Baştutanymyz belledi.

## Ýurdumyzyň Bitaraplygy dünýä metbugatynda

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Iri halkara agentlikleri we internet saýtlary bular barada bellemek bilen, Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 1995-nji ýylyň 12-nji dekabrynda «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» atly ýörite Kararnamany kabul edendigine ünsi çekýärler.

Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasynyň Medeniýet instituty tarapyndan çärýekde bir gezek neşir edilýän «ECO Heritage» atly žurnalyň ýörite sany Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylyna hem-de Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygyna bagyşlandy. Onda şanly ýylda Türkmenistanyň syýasy we medeni durmuşynda bolup geçen möhüm wakalara, dünýäde üç gezek biragyzdan ykrar edilen hemişelik Bitaraplyk hukuk derejesiniň ähmiýetine, ikitaraplaýyn hem-de köptaraplaýyn esasda hyzmatdaşlyk gatnaşyklarynyň ösdürilmegine, medeni gymmatlyklara bagyşlanan makalalar ýerleşdirilipdir.

Hindistan Respublikasynyň Nýu-Deli şäherinde çap edilýän hem-de Aziýa sebitinde, sebitiň çäklerinden alyslarda ýaýradylýan «Business Central Asia» halkara žurnaly şu ýylyň noýabr aýyndaky sanyny Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygyna hem-de Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ýurdumyzyň gazanýan üstünliklerine bagyşlady. Bu neşir Türkmenistanyň halkara başlangyçlarynyň dünýä bileleşiginiň uly gyzyklanmasyna eýe bolýandygyny äşgär edýän nobatdaky subutnama öwrüldi.

Gruziýada «Foreign Business in Georgia» žurnalynyň Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygyna bagyşlanan ýörite sany neşir edildi. Onda Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda ýurdumyzyň syýasy-jemgyýetçilik durmuşynda bolup geçen möhüm wakalara hem-de türkmen-gruzin gatnaşyklarynyň ösüşine degişli makalalar ýerleşdirilipdir.

Umuman, žurnal Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda BMG tarapyndan üç gezek ykrar edilen hemişelik Bitaraplyk hukuk derejesine eýe bolmagynyň 30 ýyllygyny dabaralandyrýan ýurdumyzyň durmuşyndaky möhüm wakalar, sebit we ählumumy derejede durnukly ösüşe gönükdirilen halkara başlangyçlar baradaky maglumatlary özünde jemleýär.

# ŞANLY BAÝRAMA GYMMATLY SOWGAT

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Kitapda aýratyn nygtalýan meseleleriň biri hem Türkmenistanyň dünýä ýurtlarynyň arasynda ynanyşmagyň we gatnaşyklaryň berkligini üpjün edýän syýasy platforma hökmünde ählumumy derejesiniň ykrar edilmegidir.

Eserde ýurdumyzda alnyp barylýan ynsanperwer ugurdaky işler, bilim ulgamyndaky halkara hyzmatdaşlyk, saglygy goraýşyň halkara standartlarynda ösdürilişi, ählumumy ynsanperwer çäreler, tebigaty goramak boýunça ählumumy başlangyçlar aýratyn orun alýar. Şol jähetden kitap dünýä jemgyýetçiligine Türkmenistanyň ynsanperwer diplomatiýasynyň çuňňur mazmunyny ýetirýär. Hormatly Prezidentimiz bu eserinde ýurdumyzyň BMG-niň we beýleki abraýly halkara guramalaryň çäklerinde öňe sürýän başlangyçlaryny seljerip, olaryň ählumumy derejede goldanylmagynyň sebäplerini ylmy we syýasy taýdan düşündirýär.

Neşirde Türkmenistanyň dünýä ýurtlary bilen syýasy, ykdysady, medeni gatnaşyklary ösdürmegiň häzirki döwrüň talaplaryna laýyk gelýän täze ugurlary bellenilýär. Döwlet Baştutanymyzyň belleýşi ýaly, Bitaraplyk derejesi Türkmenistan üçin giň diplomatik mümkinçilikleri açýar. Şunuň bilen baglylykda, kitap häzirki zaman halkara gatnaşyklary boýunça ylmy-nazary çeşme hökmünde aýratyn ähmiýete eýe bolýar.

«Türkmenistanyň Bitaraplygy — parahatçylygyň we ynanyşmagyň aýdyň ýoly» atly täze kitap häzirki döwrüň halkara diplomatiýasyna Türkmenistanyň goşandynyň düýpli seljermesi bolup çykyş edýär. Eser okyjylara Bitaraplygyň türkmen nusgasynyň ösüş ýoluny, onuň dünýä parahatçylygyna hyzmatdaşlygyny, döwletimiziň halkara giňişlikde eýeleýän ynamly ornuny giňden açyp görkezýär.




Bu kitap diňe bir döwlet syýasatynyň ýolbeledi däl, eýsem, parahatçylygyň, ynanyşmagyň we hyzmatdaşlygyň gymmatlyklaryna hyzmat edýän ähmiýetli umumadamzat eseri hökmünde aýratyn baha mynasypdyr.

Döwlet Baştutanymyzyň üç dilde — türkmen, iňlis we rus dillerinde giň halk köpçüligine ýetirilen ajaýyp kitabynda ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýynyň ähmiýetiniň, dünýäde parahatçylygy we ynanyşmagy üpjün etmäge gönükdirilen taryhy başlangyçlarynyň giňden beýan edilmegi oňa bolan gyzyklanmany artdyrýar. Täze kitapda berkarar Watanymyzda ýetilen belent sepgitleriň, gazanylan üstünlikleriň beýan edilýändigi bizi has-da buýsandyrýar.

Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýynyň 30 ýyllygynyň giňden dabaralandyrylmagy ýöne ýere däl. Çünki hemişelik Bitaraplygyň halkymyz, döwletimiz üçin uly ähmiýeti bar. Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň belleýşi ýaly, biziň Bitaraplygymyz dünýä halklaryny belent maksatlara birleşdirýän, parahatçylygy hem-de dost-doganlygy ösdürýän ýörelgämizdir.

Döwlet Baştutanymyz Garaşsyz döwletimiziň Bitaraplyk hukuk ýagdaýynyň maksadynyň halkara hukugyň kadalaryna hem-de borçnamalaryna gyşarnyksyz eýerip, ýurdumyzyň geosyýasy we geoykdysady mümkinçiliklerini asuda, abadan durmuşyň, döredijilikli ösüşiň bähbidine gönükdirmekden ybaratdygyny aýratyn belläp geçýär. Şoňa görä-de, Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan üç gezek ykrar edilen ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýy halkymyzyň buýsanjydyr, beýik gymmatlygydyr.

Hormatly Prezidentimiziň öz kitabynda belläp geçişi ýaly, häzirki wagtda «bitaraplyk», «öňüni alyş diplomatiýasy», «parahatçylyk», «ösüş» düşünjeleri täzeçe baý mazmuna eýe bolýar. Halkara bileleşigiň sebitiň möhüm wezipelerine ünsüniň çekilmegi hem birbada amala aşyrylmady. Munuň özi, belli bolşy ýaly, ýurdumyzyň halkara syýasat bilen baglanyşykly taryhy ösüşiniň dowamynda kemala gelip, wagtyň geçmegi bilen, ol has-da berkedi. Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy halkymyzyň durmuşyň hözirini duýup, rahat ýaşamagyna, durmuşyň döredijilikli ýollarynyň üstünlige eltýändigine bolan ynamynyň pugtalanmagyna itergi berýär. Şoňa görä-de, Bitaraplyk diňe bir türkmen halkynyň däl, eýsem, bütin adamzadyň gymmatlygydyr, parahatçylygy we ynanyşmagy rowaçlandyrmagyň möhüm şertidir. Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy adamzadyň öňünde geljege barýan iň ygtybarly ýollary — adalatyň hem ýeňşiň ýollaryny açýar.




Hemişelik Bitaraplygymyzyň 30 ýyllygynyň bellenilýän günlerinde täze kitabyny sowgat eden hormatly Prezidentimize çäksiz alkyş aýdýarys. Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň beýik işleri rowaç bolsun.

**Aýlar BAÝRAMOWA,**
*Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň mugallymy.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN

**ESASLANDYRYJYSY –**
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Dekabr aýynyň 10-y, 2025
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-117703
Belgisi: 50/1668
Tiražy: 8105
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!

# TÜRKMENISTANYŇ HEMIŞELIK BITARAPLYGYNYŇ HUKUK ESASLARY

Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň hukuk ulgamynyň kemala gelmegi we döwrebap derejede kämilleşmegi ata Watanymyzyň ösüşleri bilen berk bagly bolup durýar. Milli kanunçylygyň binýady hökmünde adamyň hukuklaryny we azatlyklaryny, döwlet özygtyýarlylygyny goramak, halkara hukuk namalary işlenilip taýýarlanylanda, kabul edilende, Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygyny, milli bähbitlerini, halkara hukugynyň kadalary, umumadamzat bähbitlerini nazara almak, parahatçylyk, ynanyşmak, hyzmatdaşlyk ýaly hukuk taýdan düzgünleşdirilişiniň netijeliligini ýokarlandyrmaklyga gönükdirilen tagallalar hyzmat etdi. Garaşsyzlyk ýyllary içinde milli kanunçylygyň berk binýady döredildi. Häzirki wagtda milli hukuk ulgamyny kämilleşdirmek döwrüň talaplaryna hem-de halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalaryna laýyklykda dowam etdirilýär.

1990-njy ýylyň 22-nji awgustynda kabul edilen «Türkmenistanyň döwlet özygtyýarlylygy hakynda Jarnama» Türkmenistan özygtyýarly






milli döwlet hökmünde özüniň bütin çäginde häkimiýeti doly amala aşyrýandygyny jar etdi. Bu bolsa döwlet we jemgyýetçilik durmuşynda hil taýdan täze başlangyçlaryň kemala gelmegi üçin binýatlyk esas boldy. Bu hukuk resminama 1991-nji ýylyň 27-nji oktýabrynda «Türkmenistanyň Garaşsyzlygy we döwlet gurluşynyň esaslary hakynda» Türkmenistanyň Konstitusion kanunynyň kabul edilmegi üçin zerur bolan syýasy hukuk şertleri döredip, dünýäniň syýasy kartasynda Garaşsyz Türkmenistan döwletiniň döremeginde esas goýujy wajyplyga eýe boldy. Bu Konstitusion kanunyň kabul edilmegi – belent maksatlaryň, türkmen halkynyň öz hakyky milli döwletiniň döredilmeginiň hatyrasyna, milletine, jynsyna, gelip çykyşyna we dinine garamazdan, her bir adam üçin Esasy Kanunymyz Türkmenistanyň Konstitusiýasynda, Adam hukuklarynyň ähliumumy Jarnamasynda beýan edilen hem-de halkara hukugyň beýleki kadalaryny we azatlyklaryny üpjün etmegiň, kanunyň agalyk edýän ynsanperwer, demokratik jemgyýeti gurmagyň hatyrasyna Türkmenistanyň çägini öz içine alýan garaşsyz döwleti jar etdi.

1992-nji ýylyň 18-nji maýynda türkmen halky täze durmuşy gurmagyň, berkararlygy, ýurt rowaçlygyny, halk häkimiýetiniň hem-de demokratik, hukuk, dünýewi döwletiň esaslaryny berkarar etmegiň ýoluny taryhy resminamada – Türkmenistanyň Konstitusiýasynda beýan etdi.

Ýurt Garaşsyzlygynyň halkara esaslaryny hem aýratyn bellemegimiz zerur. 1992-nji ýylyň 2-nji martynda Garaşsyz Türkmenistan BMG-niň deňhukukly agzasy boldy. Şol döwürden başlap, döwletimiz BMG-niň çäklerinde halkara gatnaşyklarda özüniň ornuny berkidip başlady. Türkmen halkynyň parahatçylyk söýüjilikli, hoşniýetli goňşuçylyk, dost-doganlyk ýaly häsiýetleri beýleki halklar bilen özara bähbitli dialogy saklamaga ýardam etdi. Şularyň özi döwletimiziň Garaşsyzlygynyň ilkinji ýyllarynda syýasy gurluşyny saýlap almakda aýgytly şertleri bolup, ýurdumyzyň daşary syýasy gatnaşyklarynyň esasy binýadyny goýdy. 1995-nji ýylyň 12-nji dekabrynda BMG-niň Baş Assambleýasy ýurdumyzy «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy hakynda» Kararnamasy bilen hemişelik Bitarap döwlet hökmünde ykrar etdi.

Türkmenistan parahatçylyk, abadançylyk, ynsanperwer ýörelgelere esaslanýan hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýyna ygrarly bolup, sebit we ähliumumy hyzmatdaşlygyň pugtalandyrylmagyna goşant goşmak arkaly, döredijilikli daşary syýasaty yzygiderli durmuşa geçirdi. Ýurdumyzyň halkara abraýyny has-da belende göteren türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň başlangyçlaryny üstünlikli dowam etdirýän hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda ata Watanymyzyň halkara derejede abraýy barha artdy. Şunda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 2015-nji ýylyň 3-nji iýunynda ikinji gezek, 2025-nji ýylyň 21-nji martynda üçünji gezek Türkmenistany hemişelik Bitarap döwlet hökmünde ykrar edendigini bellemegimiz zerur. Bu abraýly halkara guramanyň ýurdumyzyň başlangyjy bilen 12-nji dekabry Halkara Bitaraplyk güni diýip yglan etmek hakynda Kararnamany kabul edendigini bellemek has-da ýakymly. Bu senäniň halkara derejesinde yglan edilmegi bolsa, diňe bir Türkmenistanyň parahatçylyk döredijilik ýörelgelerine berlen ýokary baha bolman, eýsem, döwrüň talaby, halkara diplomatiýanyň umumy üstünligidir.

Türkmenistan hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýyna eýe bolanyndan soňra milli kanunçylyga we daşary syýasat işiniň kanunçylyk binýadyna hemişelik Bitaraplyk bilen bagly hukuk namalaryny girizmek zerurlygy döredi. Şunuň bilen baglylykda, milli kanunçylygyň gözbaşy bolan Türkmenistanyň Konstitusiýasynda Milletler Bileleşiginiň Kararnamalarynyň many-mazmunyndan ugur alýan kadalar öz beýanyny tapdy. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 2-nji we 9-njy maddalary hemişelik Bitaraplygyň ykrarnamasy we esasy konstitusion ýörelgeleri, halkara hukugynyň kadalary bilen sazlaşygy emele getirdi.

Türkmenistanyň Konstitusiýasy we onuň esasynda hereket edýän milli kanunçylyk ulgamy biziň döwletimiziň halkara işlerine işjeň gatnaşmagynyň hem-de onuň umumydünýä syýasy-hukuk giňişligine goşulyşmagyna binýatlyk esas bolup durýar. Şunda «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy hakynda», «Bitarap Türkmenistanyň parahatçylyk we ynanyşmak syýasatynyň hukuk esaslary hakynda» Türkmenistanyň Konstitusion kanunlarynyň kadalary we olaryň durmuşa geçirilmegi ugrunda amala aşyrylýan diplomatik-guramaçylyk, medeni-ynsanperwer işleri, döwletimiziň hemişelik Bitaraplygynyň milli hukuk ulgamyna esaslanýan ýörelgedigini aýdyň şöhlelendirýär.

Türkmen halkynyň gadymdan gelýän hoşniýetlilik, parahatçylyk söýüjilik, ynsanperwerlik häsiýetleri we däpleri döwletimiziň oňyn Bitaraplyga esaslanýan daşary syýasatynyň özeni bolup durýar. Eziz Diýarymyzda ähli ugurlarda gazanylýan zähmet üstünlikleri hem-de ýetilýän belent sepgitler durmuşa geçirilýän döwlet maksatnamalary bilen berk baglydyr. Şunda «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022-2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynda», «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022-2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynda», «Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etraplardaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini özgertmek boýunça 2028-nji ýyla çenli döwür üçin rejelenen görnüşdäki Milli maksatnamasynda» göz öňünde tutulan işleriň durmuşa geçirilmegi netijesinde demokratik, hukuk we dünýewi döwletimiziň ykdysadyýetde, medeni-durmuş ugurlarynda ösüşleriň täze belentliklerine çykjakdygyna, mähriban halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesiniň ýokarlanjakdygyna ynamyň has-da artýar.

1998-nji ýylda «Türkmenistanyň «Bitaraplyk» ordenini döretmek hakynda», 2015-nji ýylda «Garaşsyz, Baky Bitarap Türkmenistan» ýubileý medalyny döretmek hakynda», 2020-nji ýylda «Türkmenistanyň Bitaraplygynyň 25 ýyllygyna» atly Türkmenistanyň ýubileý medalyny döretmek hakynda», 2025-nji ýylda «Türkmenistanyň Bitaraplygynyň 30 ýyllygyna» atly Türkmenistanyň ýubileý medalyny döretmek hakynda» Türkmenistanyň Kanunlarynyň kabul edilmegi bolsa, hemişelik Bitaraplygymyzyň ykrar edilmegine we berkarar bolmagyna, parahatçylygy, ynanyşmagy pugtalandyrmakda, ýurdumyzyň syýasy, ykdysady, medeni ugurlarynda gazanan üstünliklerine mynasyp şahsy goşantlaryny goşan adamlary sylaglamakda möhüm ähmiýete eýe bolup, mähriban halkymyzy täze zähmet üstünliklerine ruhlandyrýar.

Garaşsyz, hemişelik Bitarap Watanymyzyň halkara abraýyny belende götermekde alyp barýan işleri, milli kanunçylygymyzy kämilleşdirmekde berýän goldawlary üçin türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyza, hormatly Prezidentimize köp sagbolsun aýdýarys.

**Nepes ROZYÝEW,**
*Türkmenistanyň Mejlisiniň deputaty,*
*Mejlisiň Ylym, bilim, medeniýet we ýaşlar syýasaty baradaky komitetiniň agzasy.*

# Parahatçylyk döredijilikli, durnukly ösüş ýoly bilen

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe özygtyýarly, baky Bitarap ýurdumyzyň parahatçylyksöýüjilikli, ynsanperwer daşary syýasaty barha dabaralanýar. Bu, ilkinji nobatda, Gahryman Arkadagymyzyň düýbüni tutan döwletli ýörelgelerini hormatly Prezidentimiziň ynamly dowam etdirip, ýurdumyzyň Bitaraplyk syýasatynyň çäklerinde öz üstüne alan halkara borçnamalaryny üstünlikli durmuşa geçirýändigi bilen dabaralanýar.




Taryh üçin uzak bolmadyk döwürde eziz Watanymyz bitaraplyk, parahatçylyk söýüjilik, hoşniýetli goňşuçylyk ýörelgeleri bilen halkara derejede uly abraý gazandy. Döwlet Baştutanymyzyň alyp barýan parasatly, öňdengörüjilikli syýasatynyň netijesinde Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimiz halkara guramalar, aýratyn-da, Birleşen Milletler Guramasy bilen ýakyn hyzmatdaşlykda bolup, Ýer ýüzünde parahatçylygy, asudalygy, durnukly ösüşi üpjün etmekde işjeňlik görkezýär.

Häzirki wagtda ýurdumyzyň dünýäniň 150-den gowrak döwleti bilen diplomatik gatnaşyklary ýola goýmagy, halkara guramalaryň 50-den gowragynyň agzasy bolmagy işjeň halkara hyzmatdaşlygyň aýdyň beýanydyr.

Mälim bolşy ýaly, ýurdumyzyň bitaraplyk ýörelgelerine esaslanýan döwrebap daşary syýasat ugrunyň binýatlary Gahryman Arkadagymyz tarapyndan köp ýyllaryň dowamynda yzygiderli ösdürildi. Türkmen halkynyň Milli Lideriniň öňe süren «Ösüş arkaly parahatçylyk» düşünjesi ösüşiň ähli ugurlarynyň diňe durnukly we parahatçylyk şertlerinde mümkin bolýandygyny aýdyň görkezýär.

«Ösüş arkaly parahatçylyk» – bu jemgyýetçilik-döwlet ösüşiniň ähli ugurlary boýunça öňe gidişiň halkara gatnaşyklarynda döwletleriň arasynda ynanyşmagyň we uzak möhletleýin durnuklylygyň berkarar bolmagyna mümkinçilik döredýändigini beýan edýän syýasy-jemgyýetçilik konsepsiýadyr.

Dünýä döwletleriniň arasynda hyzmatdaşlyk esasynda durmuşa geçirilýän ykdysady taslamalar, ulag-logistika we energetika geçelgeleri, söwda-ykdysady gatnaşyklaryň giňeldilmegi diňe bir ösüşi üpjün etmän, eýsem, birek-birege ynamly gatnaşyklary hem pugtalandyrýar.

Gahryman Arkadagymyzyň öňe süren bu ýörelgesi häzirki zaman döwletleriniň köpüsiniň daşary syýasat konsepsiýalarynyň möhüm bölegine öwrülýär. Döwletleriň arasynda hyzmatdaşlyk, özara hormat goýmak ýörelgeleri ykdysady ösüşe goşant goşýan esasy şertlerdir.

«Ösüş arkaly parahatçylyk» düşünjesi häzirki döwrüň halkara gatnaşyklarynyň ösüş ugurlarynyň ählisini özünde jemleýändigi üçin aýratyn ähmiýete eýedir. Bu konsepsiýa ösüşiň diňe bir ykdysady taýdan däl, eýsem, jemgyýetçilik abadançylygynyň, döwletara ynanyşmagyň we halkara parahatçylygynyň möhüm binýady bolup çykyş edýändigini görkezýär. Şonuň üçin döwletleriň arasynda durnukly ösüşe gönükdirilen hyzmatdaşlygyň ösdürilmegi häzirki zamanyň iň möhüm we wajyp meselelerinden biri bolup galýar.

**Jahangözel MUHAMMEDOWA,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň iç keselleriniň propedewtikasy kafedrasynyň mugallymy.*

# Parahatçylygyň merkezi Aşgabadyň halkara üstünligi

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ata Watanymyzyň beýik ösüşlerini mynasyp şöhlelendirýän gözel paýtagtymyz Aşgabat bu günki gün tanalmaz derejede özgerip, halkymyzyň milli buýsanjyna öwrüldi.

Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary bilen gülläp ösýän ak şäherimiz sebitde parahatçylyk döredijі merkeze, halkara ylmy-amaly maslahatlaryň geçirilýän ýerine öwrüldi. Asuda zamanamyzyň gözel keşbini özünde jemleýän paýtagtymyz owadan, Ýer ýüzünde ýaşamak üçin amatly şäherleriň biridir. Häzirki wagtda Aşgabat şäherini abadanlaşdyrmak we ösdürmek boýunça uly işler durmuşa geçirilýär. Aşgabat bagtyýar halkymyzyň şu gününi, geljegini nurlandyryp, gün-günden ösüşleriň täze belentliklerine barýar.

Her bir güni ýatda galyjy wakalara, şanly senelere beslenýän Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda hem paýtagtymyz Aşgabadyň gazanan halkara üstünligi toý şatlygymyzy goşalandyrdy.

Aşgabat şäheri ÝUNESKO-nyň öwreniji şäherleriniň bütindünýä toruna girizildi. Aşgabat şäheriniň dünýäniň 46 ýurdunyň 72 şäheriniň hatarynda ÝUNESKO-nyň öwreniji şäherleriniň bütindünýä toruna girizilmegi türkmen paýtagtynyň ylym-bilimi ösdürmekde, ähli ýaşdaky raýatlaryň ömrüniň tutuş dowamynda okamagy babatda zerur şertleri döretmekde ýokary netijeleri gazanandygynyň ykrarnamasy boldy.

Üstümizdäki ýylda 46 ýurtdan 72 şäher ÝUNESKO-nyň öwreniji şäherleriniň bütindünýä toruna girizildi. Şunuň bilen baglylykda, ÝUNESKO-nyň öwreniji şäherleriniň bütindünýä torundaky şäherleriň sany bu toruň 2013-nji ýylda döredilen gününden bäri 91 ýurtdan 425 şähere ýetip, 500 million adamyň bilim almak mümkinçiligine eýe bolýandygynyň nobatdaky subutnamasydyr.



Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda paýtagtymyz Aşgabat dürli ugurlarda uly üstünliklere beslenýär. Ginnesiň rekordlar kitabynda 12 gezek orun alan merjen şäherimiz 2022-nji ýylyň 22-nji aprelinde Birleşen Milletler Guramasynyň Ýewropa ykdysady komissiýasynyň «Şäherlerdäki baglar» atly başlangyjyna bag ekmek çäreleri arkaly goldawy we oňa goşan goşandy üçin degişli halkara güwänama eýe boldy.

Şeýle hem Aşgabat ÝUNESKO-nyň düzümi bilen hyzmatdaşlygynyň netijesinde «Dizaýn» ugry boýunça ÝUNESKO-nyň döredijilik şäherleriniň toruna girizildi. Bu günki günde bu abraýly halkara guramanyň döredijilik şäherleriniň toruna «Senetçilik we folklor sungaty», «Dizaýn», «Film», «Gastronomiýa», «Edebiýat», «Media sungaty» we «Saz» ýaly 7 sany döredijilik ugry boýunça 350-den gowrak şäher girýär. Bu tora paýtagtymyzyň goşulmagy onuň uly dizaýn mümkinçiliklerini durmuşa geçirmäge, dizaýnerleriň başlangyçlaryny geljekde has-da ilerletmäge, halkara derejede döredijilik gatnaşyklaryny ösdürmäge ýardam edýär.

Goý, ata Watanymyzy, gözel paýtagtymyzy ösüşleriň aýdyň ýoly bilen ynamly öňe alyp barýan Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun!

**Ogulmaral KAKABAÝEWA,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň mugallymy.*



# DÖREDIJILIK BÄSLEŞIGINIŇ ÝEŇIJILERI

Başlangyjy 1-nji sahypada.

**Türkmenistanyň Prezidentiniň ýaşlar syýasatyndan ugur alnyp, ýurdumyzyň geljegi bolan ýaşlaryň Watanymyzyň ösüşlerine goşant goşmagy, döredijilik maksatlaryny durmuşa geçirmegi we halkara derejede geçirilýän çärelere işjeň gatnaşmagy üçin ähli şertler döredilýär. Watansöýüji, giň gözýetimli, ahlak taýdan arassa we ynsanperwer ýaşlary terbiýeläp ýetişdirmek ugrunda ençeme işler durmuşa geçirilýär.**

**Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly uly ösüşlere we zähmet ýeňişlerine beslenýär. Ýakynda Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň şanly 30 ýyllygy mynasybetli «Zaman-Türkmenistan» gazetiniň redaksiýasy bilen Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi Geňeşiniň bilelikde yglan eden «Edebiýat – dost-doganlyk köprüsi» atly döredijilik bäsleşiginiň ýeňijilerini sylaglamak dabarasy geçirildi. Bu bäsleşik mynasybetli Türkmenistanyň Jemgyýetçilik guramalarynyň merkezi binasynyň kiçi mejlisler zalyna döredijilik bilen meşgullanýan talyp ýaşlaryň ýüzlerçesi jemlendi.**

**«Edebiýat – dost-doganlyk köprüsi» atly döredijilik bäsleşiginiň ýeňijilerini sylaglamak dabarasynda çykyş edenler Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ýaşlara nusgalyk ýol-ýörelge bolup durýan eserleriniň ähmiýeti barada giňişleýin gürrüň berip, hemişelik Bitaraplygymyzyň şanly 30 ýyllygy bilen baglylykda uly buýsanç duýgusyny beýan etdiler. Dabarada bäsleşigiň emin agzalary Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda türkmen edebiýatynyň şu güni we ertiri, şeýle-de daşary ýurt edebiýatynyň ähmiýeti barada täsirli gürrüňler etdiler. Soňra döredijilik bäsleşiginde tapawutlanan talyp ýaşlary sylaglamak dabarasy geçirildi we olara gymmat bahaly sowgatlar gowşuryldy.**

**Baş baýraga Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň talyby Annadursun Annalyýewa mynasyp boldy. Zehinli talyp rus ýazyjysy Anatoliý Aleksiniň «Iň bagtly günüm» atly hekaýasyny ussatlarça terjime etmegi başarypdyr. Birinji orna rus ýazyjysy Anton Pawlowiç Çehowyň «Wanýajyk» atly hekaýasyny terjime eden Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň talyby Toýly Babaýew mynasyp boldy. Ikinji orunlara amerikan ýazyjysy Mark Tweniň «Meniň sagadym» hem-de rus ýazyjysy Aleksandr Stepanowiç Griniň «Ýaşyl çyra» atly hekaýalarynyň terjimeleri üçin degişlilikde, Türkmen döwlet medeniýet institutynyň talyby Käbe Sarenko bilen Lebap welaýat ýörite sungat mekdebiniň talyby Selbi Imamowa mynasyp boldular. Üçünji orunlara Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynyň talyby Haknazar Annamyradow (özbek ýazyjysy Ulugbek Mustafonyň «Begenç gözýaşy» atly hekaýasynyň terjimesi üçin), Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby Ybraýym Kuwwatow (rus ýazyjysy Walentina Oseýewanyň «Jadyly söz» atly hekaýasynyň terjimesi üçin), Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň talyby Zyýada Ýusubowa (amerikan ýazyjysy O.Genriniň «Oktýabr we iýun» atly hekaýasynyň terjimesi üçin) laýyk görüldi. Şeýle hem dabaranyň dowamynda bäsleşige gatnaşan talyp ýaşlaryň birnäçesi höweslendiriji baýraklar bilen sylaglandy.**

**– Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda, hemişelik Bitaraplygymyzyň şanly 30 ýyllygynyň uludan bellenilýän günlerinde baş baýraga mynasyp bolmagym meniň döredijiligimiň täze sahypasyny açar. Ýurdumyzda ýaşlaryň okamagy, döredijilik bilen meşgullanmagy, Watanymyzyň ösüşlerini wasp etmegi üçin uly mümkinçilikler döredilýär. Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň biz – ýaşlara görelde bolmagy watansöýüji we kämil şahsyýetler bolup ýetişmegimize uly güýç berýär. Pursatdan peýdalanyp, parahatçylygyň we döredijiligiň gülläp ösýän ýurdunda dünýä nusgalyk işleri durmuşa geçirýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlarynyň sag, belent başlarynyň aman bolmagyny arzuw edýäris – diýip, Annadursun Annalyýewa öz ýürek buýsanjyny beýan etdi.**

**Gün-günden özgerýän Garaşsyz, hemişelik Bitarap Watanymyzyň belent ösüşlerinde ýaşlaryň mynasyp paýy bar. Zehinli ýaşlarymyz öz döredijiliginde berkarar Watanymyzy, eşretli zamanamyzy, bagtyýar halkymyzy, parahatçylygy, dost-doganlygy çeper sözde wasp edýärler. «Edebiýat – dost-doganlyk köprüsi» atly döredijilik bäsleşigine gatnaşan talyp ýaşlarymyza «Zaman-Türkmenistan» gazetiniň redaksiýasynyň adyndan köp sagbolsun aýdýarys. Ýurdumyzy uly üstünliklere alyp barýan Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň dünýä nusgalyk işleriniň rowaçlyklara beslenmegini, döredijiligiň ylham çeşmesi bolan Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň asyrlara ýaň salmagyny arzuw edýäris.**

**«Zaman-Türkmenistan».**



## DÜNÝÄ TÄZELIKLERI
### gysga setirlerde



**Bazardaky paýy 38 göterime ýetdi.** Hytaýyň ýeňil awtoulag assosiasiýasynyň (CAAC) Baş sekretary Suý Dunşu Hytaýyň dünýäniň awtoulag satuw bazaryndaky paýynyň artandygyny habar berdi. «Hytaýyň dünýä awtoulag satuw bazaryndaky paýy 2025-nji ýylyň oktýabr aýynda 38 göterime ýetdi, bu geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende 1% ýokarydyr. Hasabat döwründe 3,3 million awtoulag satyldy» diýip, Dunşu aýtdy.



**Dünýä rekordyny goýdy.** Ajman Emirligi awtoulaglardan iň uly baýramçylyk jümlesini döredip, täze dünýä rekordyny goýdy. Olar 603 awtoulagy ulanyp, BAE-niň Milli gününiň 54 ýyllygy mynasybetli «54 EID AL ETIHAD UAE» diýip ýazdylar. Ginnesiň rekordlar kitabynyň emin agzalary awtoulaglaryň ýerleşdirilişiniň takyklygyna ýokary baha berdiler. Gatnaşyjylaryň ählisine Ginnesiň rekordlar kitabynyň resmi güwänamalary gowşuryldy.



**Frederigiň şekili goýlan täze şaýylyklar.** Daniýanyň Milli banky häzirki monarh Patyşa Frederigiň şekili goýlan täze şaýylyklary çykardy. Bu 36 ýyldan soň Daniýanyň şaýylyklarynyň dizaýnynda ilkinji üýtgeşmelerdir. Täze 20 we 10 kron şaýylyklarda Patyşanyň suraty bar. Arka tarapynda bolsa galkanyň we patyşanyň täjiniň şekili bar.

## Grinspan: indiki Baş sekretar zenan bolmaly



Eger-de ähli zat ugruna bolsa, Birleşen Milletler Guramasyna ahyrsoňy ilkinji gezek zenan lider ýolbaşçylyk eder. Bu barada Kosta-Rikanyň öňki wise-prezidenti we BMG-niň indiki Baş sekretary wezipesine esasy dalaşgär Rebeka Grinspan aýtdy.

Ozal habar berlişi ýaly, golaýda BMG-niň indiki Baş sekretaryny saýlamak prosesi resmi taýdan başlandy, şonda agza döwletlere 2027-nji ýylyň 1-nji ýanwaryna çenli Portugaliýanyň wekili Antoniu Guterrişiň ornuna öz dalaşgärlerini hödürlemekleri soralyp, ýüz tutulypdy.

BMG-niň parahatçylyk we hyzmatdaşlyk meseleleri boýunça halkara gurama hökmünde 80 ýyllyk taryhynyň dowamynda Baş sekretaryň wezipesini hiç haçan zenan eýelemändi. Liderlik üçin zerur bolan artykmaçlyklara we ygtyýarlyklara eýe bolan zenanlaryň sanynyň az bolmandygyny göz öňünde tutsaň, bu ýagdaýy düşündirmek mümkin.

Bu wezipä açyk yglan edilen dalaşgärleriň arasynda häzirki wagtda BMG-niň Söwda we ösüş boýunça Konferensiýasynyň (UNCTAD) Baş sekretary wezipesini ýerine ýetirýän Rebeka Grinspan, Çiliniň öňki Prezidenti Mişel Baçelet we argentinaly diplomat Rafael Grossi bar.

Baş sekretaryň wezipesine zenanyň bellenilmegi baradaky çagyryşlar barha artýar. Indiki Baş sekretaryň Latyn Amerikasyndan bolmagy mümkin, sebäbi bu wezipe däp boýunça sebitleriň arasynda paýlaşylýar. Mundan soňky nobat Latyn Amerikasy bilen Karib deňzi ýurtlaryna degişli.

– BMG-niň has inklýuziw bolmagy zerur. Çünki bu gurama Ikinji jahan urşy ýyllaryndan soň esaslandyrylanda, onuň düzüminde 51 agza döwlet bardy. Häzirki wagtda bolsa 193 agza döwlet bar, olaryň köpüsi 1945-nji ýylda guramanyň asyl gurluşyny kemala getirmekde esasy rol oýnady – diýip, Grinspan belledi.




## 2026-njy ýylyň reňki belli boldy

«Pantone» amerikan kompaniýasy 2026-njy ýylyň reňkini mälim etdi. Ol bulutly ak reňk – «11-4201 Cloud Dancer» boldy. Bu barada reňkleriň modasyny kesgitleýän «Pantone» kompaniýasynyň resmi web sahypasynda habar berildi.

– Bu ýumşak, tebigy ak reňk täze başlangyjy we içki rahatlyk duýgusyny alamatlandyrýar – diýip, «Pantone»-niň wekilleri düşündirýär. Kompaniýanyň direktory Leatris Eýsemanyň aýtmagyna görä, bu öwüşgin bize hemişe bir ýerlere alňasaýan dünýäde «ünsli, oýlanyşykly pikiriň» gymmatyny görmäge kömek edýär.

Kompaniýanyň direktorynyň orunbasary Lori Pressman reňk saýlananda aýratyn ünsli çemeleşilendigini belledi. Onuň aýtmagyna görä, has ýagty ak reňk saýlanan halatynda gaty ýiti görnüp, 2026-njy ýylyň esasy ideýasy bolan tebigylyga laýyk gelmezdi.

Ýatlap geçsek, «Pantone» kompaniýasy 2025-nji ýylyň esasy reňki hökmünde goňur «17-1230 Mocha Mousse» reňkini saýlapdy. XX asyryň ortalarynda döredilen «Pantone» ulgamy köp wagt bäri global standart bolup gelýär. Kompaniýa her ýyl reňk meýillerini kesgitleýär, onuň kataloglary, sanly ulgamlary, esasan, moda, dizaýn, çaphana we gözellik pudagynda ulanylýar.

## SYÝAHATÇYLYGYŇ ÖSEN ŞÄHERLERI

Bazar barlaglaryny geçirýän «Euromonitor International» kompaniýasy syýahatçylyk taýdan ösen şäherler babatda maglumat taýýarlady. «Top 100 City Destinations Index 2025» atly maglumatda Pariž syýahatçylaryň iň ýokary baha beren şäheri bolupdyr. Fransiýanyň paýtagty syýahatçylyk infrastrukturasy, durnuklylyk, howpsuzlyk we ykdysady görkezijiler babatda myhmanlarynyň göwnünden turupdyr.



Jemi 100 şäheriň girizilen sanawynda Madrid (Ispaniýa), Tokio (Ýaponiýa), Rim (Italiýa) we Milan (Italiýa) ilkinji bäşlige giripdir. Altynjy ýeri Nýu-Ýork, ýedinji orny Amsterdam eýeläpdir. Ispaniýanyň kenarýaka şäheri Barselona iki basgançak ýokary galyp, sekizinji bolupdyr. Ilkinji onlugy degişlilikde, Aziýadan Singapur bilen Seul jemläpdir.

Maglumatda geçen ýyl iň köp daşary ýurtly syýahatçy kabul eden şäherleriň sanawy hem berlipdir. Bu sanawda 30,3 million myhman kabul eden Bangkok öňdeligi eýeleýär. Deňiz kenarynda ýerleşýän Tailandyň paýtagty tebigy gözellikleri bilen köpleri özüne çekýär. Gonkong (23,2 million), London (22,7 million), Makao (20,4 million) we Stambul (19,7 million) ilkinji bäşlikde özüne orun tapypdyr. Dubaý (19,5 million), Mekge (18,7 million), Antalýa (18,6 million), Pariž (18,3 million) we Kuala-Lumpur (17,3 million) ilkinji onluga giripdir.

## AZYK ÖNÜMLERI ARZANLAÝAR

Bütindünýä azyk önümleriniň bahalary üç aý bäri yzygiderli peselýär. Birleşen Milletler Guramasynyň Azyk we oba hojalyk guramasynyň (FAO) maglumatlaryna görä, azyk önümleriniň bahalarynyň indeksi noýabr aýynda 125,1 bal bolup, oktýabr aýyndakydan 1,2% aşak düşdi.

Şekeriň, süýt önümleriniň, ösümlik ýagynyň, guş etiniň bahasy pese gaçmagyny dowam etdirýär. Bilermenler bu ýagdaýy esasy eksport sebitlerinde önümçiligiň artmagy bilen baglanyşdyrýarlar.




Ösümlik ýagy hem 2,6% arzanlady. Bu, esasan, palma, günebakar, rapis we soýa ýaglarynyň bahalarynyň aşaklamagynyň hasabyna boldy. Munuň sebäbi Malaýziýada ýaglaryň soňky 20 aýdaky iň ýokary derejä ýeten uly ätiýaçlyk gorlarynyň bolmagydyr.

FAO-nyň azyk bahalarynyň indeksi bäş esasy kategoriýany öz içine alýar: däne önümleri, ösümlik ýaglary, et, şeker we süýt önümleri. Bu görkeziji dünýä bazarlaryndaky ortaça eksport bahalaryny şöhlelendirýär, şonuň üçin hem ol dükandaky azyk önümleriniň bahasyna gös-göni täsir etmeýär. Lomaý we bölek bahalar ulag çykdajylary, salgyt, walýutanyň hümmeti, içerki bazardaky ýagdaý ýaly täsirlere baglydyr.

## TARYHDA ŞU GÜN

**1901-nji ýylyň 10-njy dekabrynda Alfred Nobel aradan çykandan 5 ýyl soň, fizika, himiýa, lukmançylyk, edebiýat we parahatçylyk ýaly ugurlarda gazanylan üstünlikler üçin dünýäniň iň abraýly baýraklary ilkinji gezek gowşurylýar. Wilgelm Konrad Rentgen (fizika), Ýakob Hendrik Want-Goff (himiýa), Emil Adolf fon Bering (fiziologiýa ýa-da lukmançylyk), Rene Sýulli-Prýudom (edebiýat) we Žan Anri Dýunan bilen Frederik Passi (parahatçylyk) baýragyň ilkinji eýeleri boldy.**



## Iň kaşaň sungat muzeýi



Norwegiýanyň Kristiansann şäherindäki Kunstsilo muzeýi her ýyl Pariždäki ÝUNESKO-nyň ştab-kwartirasynda geçirilýän abraýly «Prix Versailles» atly arhitektura baýrak gowşuryluş dabarasynda «Dünýäniň iň owadan muzeýi» diýlip atlandyryldy.

Bu abraýly baýrak dünýäniň iň gowy häzirki zaman binagärlik taslamalaryny ykrar edýär. Muzeýiň direktory Mariýa Mediaas Ýýorstad toparyň bu ykrarnama örän şatdygyny we buýsanýandygyny hem-de bu hormatyň, esasan, taslamanyň arhitektorlaryna degişlidigini nygtady.

Geçen ýyl açylan Kunstsilo muzeýinde, takmynan, 7 müň 500 sungat eseri, şol sanda Norwegiýanyň Nebit gaznasynyň başlygy Nikolaý Tangeniň kolleksiýasy bar. Muzeý mundan öň abraýly ispan arhitektura baýragy bolan «Premio Arquitectura Española» baýragyna mynasyp bolupdy.

Norwegiýanyň wekiliýeti baýrak gowşuryluş dabarasyna gatnaşmak üçin Pariže geldi. Olaryň hatarynda Kristiansann şäheriniň häkimi Matias Bernander hem bar. Häkim bu muzeýiň ýeňşini ajaýyp ykrarnama diýip atlandyryp, Kunstsilo muzeýiniň döredilmegine gatnaşan her bir adama hoşallygyny bildirdi.

# FIFA Dünýä Kubogy 2026-nyň bijeleri çekildi

Geljek ýylyň tomsunda Meksikadyr ABŞ-da hem-de Kanadada geçiriljek 23-nji Dünýä Kubogynyň toparçalarynyň bijeleri çekildi. ABŞ-nyň paýtagty Waşingtondaky «Kennedy Center»-de geçirilen bije çekiliş dabarasyna futbol äleminiň öňki-soňky ýyldyzlary, milli ýygyndylaryň tälimçileri, çempionaty guraýjy ýurtlaryň döwlet baştutanlary we beýleki resmi adamlar gatnaşdylar. Meşhur aktýor Kewin Hart bilen belli fotomodel Haýdi Klumuň alyp baran dabarasynyň başynda FIFA-nyň başlygy Janni Infantino futbolyň birleşdiriji güýji barada durup geçdi. Ol ilkinji gezek berilýän FIFA-nyň parahatçylyk baýragyny ABŞ-nyň Prezidenti Donald Trampa gowşurdy. Dabaranyň dowamynda Andrea Boçelli, Robbi Williams, Nikol Şerzinger ýaly aýdym-saz sungatynyň ýyldyzlary hem çykyş etdiler.



Soňra bijeleri çekmek üçin Şakil O'Nil, Weýn Gretski, Rio Ferdinand, Aaron Jaj, Tom Bredi, Eli Manning ýaly sportuň dürli görnüşleriniň meşhur ýyldyzlary sahna çykdy.

48 ýygyndynyň gatnaşýan çempionatynyň 42 topary 12 toparça paýlandy. Galan 6 topar bolsa geljek ýylyň mart aýyndaky pleý-off oýunlaryndan soň belli bolar.

«A» toparçada ýer eýeleri Meksikanyň bäsdeşleri Koreýa Respublikasynyň, Günorta Afrikanyň hem-de UEFA Pleý-off D ýolunyň (Daniýa – Çehiýa / Irlandiýa – D. Makedoniýa) ýeňijisi boldy. Başga bir ýer eýesi Kanada «B» toparçada Şweýsariýanyň, Kataryň hem-de UEFA Pleý-off A ýolunyň (Italiýa – Uels / Bosniýa – D. Irlandiýa) ýeňijisi bilen duşuşar. «C» toparçada bu kubogy iň köp eýelän Braziliýanyň bijesine Marokkonyň, Şotlandiýanyň hem-de Gaitiniň ýygyndylary düşdi. Braziliýa 1998-nji ýylda-da Marokkonyň hem-de Şotlandiýanyň milli toparlary bilen bir toparça düşüpdi.

«D» toparçada ýer eýesi ABŞ-nyň milli topary Awstraliýadyr Paragwaýyň, şol sanda Ýewropadan gatnaşjak UEFA Pleý-off C ýolunyň (Türkiýe – Rumyniýa / Kosowo – Slowakiýa) ýeňijisi bilen özara güýç synanyşar. «E» toparçany Germaniýanyň, Ekwadoryň, Kot-d'Iwuaryň hem-de çempionatyň debýutanty Kýurasaonyň ýygyndylary düzdüler. «F» toparçada Niderlandlaryň, Ýaponiýanyň, Tunisiň ýygyndylary hem-de UEFA Pleý-off B ýolunyň (Şwesiýa – Ukraina / Albaniýa – Polşa) ýeňijisi özara duşuşarlar.

«G» toparçada Belgiýanyň, Eýranyň, Müsüriň hem-de Täze Zelandiýanyň milli toparlary indiki tapgyra çykmak üçin özara duşuşyk geçirerler. «H» toparçada çempionlygyň dalaşgärlerinden Ispaniýanyň ýygyndysynyň garşydaşlary ilkinji çempion Urugwaýyň, şol sanda Saud Arabystanynyň hem-de ýaryşyň debýutanty Kabo Werdeniň milli toparlary boldy. «I» toparça Fransiýanyň ýygyndysy Senegalyň, Norwegiýanyň milli toparlary, şeýle-de Yklymlararasy pleý-off 2-niň ýeňijisi (Yrak / Boliwiýa – Kosta Rika) bilen bije çekişdi.

«J» toparçada soňky çempion Argentinanyň milli topary kubogy özünde saklamak islese, onda tangoçylar ilki Awstriýanyň, Alžiriň hem-de Iordaniýanyň ýygyndylaryny yzda galdyrmaly bolarlar. «K» toparçada Portugaliýanyň, Kolumbiýanyň, debýutant Özbegistanyň hem-de Yklymlararasy Pleý-off 1-iň ýeňijisi (Kongo DR / Ýamaýka – Täze Kaledoniýa) özara göreşerler. «L» toparçany bolsa Angliýanyň, Horwatiýanyň, Panamanyň hem-de Gananyň ýygyndylary düzdüler.

Çempionatyň güýçli toparçalary hökmünde «C», «E», «I» hem-de «L» toparçalary görkezilýär. Her toparçadan 1–2-nji orny eýelänler hem-de 3-nji ýeri alanlaryň iň gowy netije görkezen 8-si 1/16 finala çykar. Duşuşyklar Aşgabat wagty bilen 21:00-da, 22:00-da, 23:00-da, 00:00-da, 01:00-da, 01:30-da, 02:00-da, 03:00-da, 04:00, 04:30-da, 05:00-da, 06:00-da, 06:30-da, 07:00-da, 08:00-da, 09:00-da başlanar.

39 günläp dowam etjek çempionat geljek ýylyň 11-nji iýunynda başlap, 19-njy iýulynda tamamlanar. 2026-njy ýylyň 11-nji iýunynda çempionatyň açylyş oýnunda ýer eýesi Meksika bilen Günorta Afrikanyň ýygyndylary duşuşar. Iki topar 2010-njy ýylda Günorta Afrikada geçirilen çempionatyň açylyş duşuşygynda hem duşuşypdy we 11-nji iýunda oýnalan şol duşuşyk 1–1 hasabynda deňlikde tamamlanypdy.

**«A» TOPARÇA:** Meksika, Koreýa Respublikasy, Günorta Afrika, UEFA Pleý-off D (Daniýa—Çehiýa/Irlandiýa—D. Makedoniýa).

**«B» TOPARÇA:** Kanada, Şweýsariýa, Katar, UEFA Pleý-off A (Italiýa—Uels/Bosniýa—D. Irlandiýa)

**«C» TOPARÇA:** Braziliýa, Marokko, Şotlandiýa, Gaiti

**«D» TOPARÇA:** ABŞ, Awstraliýa, Paragwaý, UEFA Pleý-off C (Türkiýe—Rumyniýa/Kosowo—Slowakiýa)

**«E» TOPARÇA:** Germaniýa, Ekwador, Kot-d'Iwuar, Kýurasao

**«F» TOPARÇA:** Niderlandlar, Ýaponiýa, Tunis, UEFA Pleý-off B (Şwesiýa—Ukraina/Albaniýa—Polşa)

**«G» TOPARÇA:** Belgiýa, Eýran, Müsür, Täze Zelandiýa

**«H» TOPARÇA:** Ispaniýa, Urugwaý, Saud Arabystany, Kabo Werde

**«I» TOPARÇA:** Fransiýa, Senegal, Norwegiýa, Yklymlararasy pleý-off 2 (Yrak/Boliwiýa—Kosta Rika)

**«J» TOPARÇA:** Argentina, Awstriýa, Alžir, Iordaniýa

**«K» TOPARÇA:** Portugaliýa, Kolumbiýa, Özbegistan, Yklymlararasy Pleý-off 1 (Kongo DR/Ýamaýka—Täze Kaledoniýa)

**«L» TOPARÇA:** Angliýa, Horwatiýa, Panama, Gana




## Werstappen ýeňiş gazansa-da, Norris çempion boldy

Formula 1 boýunça 76-njy möwsümiň çempiony iň soňky 24-nji ýaryşda belli boldy. BAE-niň paýtagty Abu-Dabide geçirilen 58 aýlawdan ybarat bolan ýaryşda «Red Bull» toparynyň niderland sürüjisi, soňky 4 möwsümiň çempiony Maks Werstappen ýeňiş gazandy. Ol ilkinji hatardan başlan ýaryşyny 1 sagat 26 minut 7,469 sekuntda tamamlady. Bu onuň şu möwsümdäki 8-nji, karýerasy boýunça-da 71-nji ýeňşi hökmünde hasaba alyndy. Ýöne bu ýeňiş onuň bassyr 5-nji çempionlygy üçin ýeterlik bolmady. Sebäbi soňky 10 tapgyrda tijenen Werstappeniň çempion bolmagy üçin sanawyň lideri Lando Norrisiň ýaryşy 4-nji ýa-da ondan pes orunda tamamlamagy gerekdi. Emma «McLaren» toparynyň britan sürüjisi ýaryşy awstraliýaly topardaşy Oskar Piastriden soň 3-nji orunda tamamlady. Şeýlelikde, Norris möwsümi Werstappenden köp utuk bilen tamamlap, karýerasy boýunça ilkinji çempionlygyny baýram etdi. Norris 423 utuk bilen Werstappenden 2 utuk öňe saýlandy. 26 ýaşyndaky Lando Norris F1-iň taryhynda çempionlyk gazanan 35-nji sürüji boldy. Şol bir wagtyň özünde ol möwsümi çempion bolup tamamlan 11-nji britaniýaly pilot diýlip hasaba alyndy. Norris karýerasy boýunça 11 ýaryşda (şolaryň 7-si şu möwsümde) ýeňiji boldy. Şeýle-de, «McLaren» toparynyň sürüjileri 13-nji gezek çempionlyk gazandy.




Werstappen yzly-yzyna 5 çempionlyk gazanyp, Mihael Şumaheriň rekordyny gaýtalamakçy bolýardy. Werstappen bolsa 2-nji ýer bilen oňňut etmeli boldy. Ol soňky 9 bäsleşigiň 6-synda ýeňiji bolsa-da, bu oňa çempionlyk üçin ýeterlik bolmady.

Ilkinji 15 ýaryşyň 7-sinde ýeňiş gazanyp, köp wagtlap umumy sanawyň birinjiligini özünde saklan Piastri 3-nji orny eýeledi. Ol 410 utuk toplamagy başardy.

F1-iň 76-njy möwsüminde jemi 24 ýaryş geçirilip, şolarda 4 sürüji ýeňiş gazandy. Şolaryň 8-sinde Maks Werstappen ýeňiji bolsa, «McLaren» toparynyň sürüjileri Lando Norris bilen Oskar Piastri 7 gezek birinji orny eýelediler. «Mercedes» toparynyň britan sürüjisi Jorj Rassell bolsa 2 ýaryşy ýeňiş bilen tamamlady. Ýylyň başynda «Ferrari» toparynyň düzümine goşulan Lýuwis Hamilton karýerasy boýunça ilkinji gezek bir möwsümi ýeňişsiz tamamlady.



## Messiniň ellerinde ýene bir kubok ýokary göterildi

ABŞ-nyň futbol çempionaty MLS-niň 30-njy möwsüminiň çempiony «Inter Maýami» topary boldy. MLS Kubogyny eýelemek ugrundaky final duşuşygynda «Inter Maýami» topary «Wankuwer Waýtkäps» toparyndan 3–1 hasabynda üstün çykyp (Okampo 8 ö.d., De Pol 77, Aliende 90+6 — Ali Ahmed 60), özüniň gysga taryhynda ilkinji gezek MLS-niň Kubogyny gazanmagy, ýagny ABŞ-nyň çempionatynyň ýeňijisi bolmagy başardy.

Duşuşykdan soň oýunda 2 asist eden Lionel Messi MLS Kubogynyň iň gymmatly oýunçysy diýlip saýlandy. «Inter Maýami» topary bu kubogy eýelän 16-njy klub hökmünde hasaba alyndy.

Şeýle-de bu kubok Lionel Messiniň karýerasy boýunça gazanan 48-nji kubogy boldy. Ol futbolyň taryhynda iň köp çempionlyk kubogyny gazanan futbolçydyr.




**12-nji dekabr (anna)**

- Union Berlin – Leipsig (00:30)
- R. Sosiedad – Žirona (01:00)

**13-nji dekabr (şenbe)**

- Atletiko – Walensiýa (18:00)
- Liwerpul – Braýton (20:00)
- **Çelsi – Ewerton (20:00)**
- Baýer – Köln (22:30)
- Barselona – Osasuna (22:30)
- Mets – PSŽ (23:00)
- Arsenal – Wulwerhempton (01:00)

**14-nji dekabr (ýekşenbe)**

- Milan – Sassuolo (16:30)
- **Aýaks – Feýenoord (18:30)**
- Udineze – Napoli (19:00)
- **K. Palas – Man. Siti (19:00)**
- Fraýburg – Borussiýa D (19:30)
- Bawariýa – Maýns (21:30)
- Jenoa – Inter (22:00)
- Trabzonspor – Beşiktaş (22:00)
- **Bolonýa – Ýuwentus (00:45)**
- **Marsel – Monako (00:45)**
- Alawes – Real Madrid (01:00)

**15-nji dekabr (duşenbe)**

- Roma – Komo (00:45)
- M. Ýunaýted – Bornmut (01:00)



Sahypany taýýarlan Ýegenmämmet TAÝLYÝEW.

# BIRLEŞEN MILLETLER GURAMASY – dünýäniň ylalaşdyryjy merkezi

1945-nji ýylyň 24-nji oktýabrynda dünýäde parahatçylygy, howpsuzlygy üpjün etmek we döwletleriň biri-birine bolan ynamyny döretmek maksady bilen, iri halkara gurama – Birleşen Milletler Guramasy döredilýär. Bu sene 1971-nji ýylda halkara baýramçylyk – Birleşen Milletler Guramasynyň güni hökmünde ykrar edilýär. Ilkibaşda 51 agza bilen döredilen gurama häzirki wagtda 193 döwlet agza bolup durýar. Halkara gurama Baş Assambleýa, Howpsuzlyk Geňeşi, Ykdysady we Durmuş Geňeşi (ECOSOC), Halkara Kazyýet hem-de Sekretariat ýaly düzümlerden ybaratdyr. Durnukly Ösüş Maksatlaryny (17 ugur) alyp barýan bu gurama dünýäde parahatçylygy we halkara hyzmatdaşlygy ösdürmekde uly orny eýeleýär. Dünýäde millionlarça adama azyk we lukmançylyk kömegini berýän halkara guramanyň ştab-kwartirasy Nýu-Ýork şäherinde, Ýewropadaky merkezi Ženewa şäherinde hem-de Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkezi paýtagtymyz Aşgabatda ýerleşýär. BMG-niň 6 sany resmi dili (arap, hytaý, iňlis, fransuz, rus we ispan) bolup, halkara forumlarda şu dillerde çykyş edilýär.

Türkmenistan Birleşen Milletler Guramasyna agzalyga kabul edilen gününden bäri, syýasy, ykdysady, daşky gurşaw, medeni-ynsanperwer ugurlarda köpugurly hyzmatdaşlygy alyp barýar. Şu günler BMG-niň esaslandyrylmagynyň 80 ýyllygy hem-de Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň şanly 30 ýyllygy halkara derejede uludan toýlanýar. Baýramçylyk çärelerinde hem-de dabaralarda Türkmenistan bilen BMG-niň arasyndaky köpugurly hoşniýetli hyzmatdaşlyk, dünýäde parahatçylygy üpjün etmek bilen bagly Gahryman Arkadagymyz, Arkadagly Gahryman Serdarymyz tarapyndan alnyp barylýan dünýä derejesindäki işleriň waspy ýetirilýär.



Ýurdumyzyň başlangyjy bilen 2025-nji ýyl BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edildi. Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda iki möhüm senäniň – BMG-niň Baş Assambleýasynyň Kararnamalary bilen üç gezek ykrar edilen Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň şanly 30 ýyllygynyň hem-de Birleşen Milletler Guramasynyň esaslandyrylmagynyň 80 ýyllygynyň gabat gelmegi aýratyn bellenmäge mynasypdyr.

BMG-niň ştab-kwartirasy Nýu-Ýorkuň Manhetten etrabynda Gündogar derýasynyň kenarynda 1949-1952-nji ýyllar aralygynda gurulýar. Binalar toplumynyň çäginde Sekretariatyň jaýy, 1800 orunlyk Baş Assambleýanyň zaly, Maslahatlar jaýy, Dag Hammarşýold adyndaky kitaphana bar. Toplumyň howlusynda dünýä ýurtlarynyň parlaýan baýdaklaryny we dürli ýurtlaryndan getirilen sungat eserlerini görmek bolýar. Bu toplum halkara çäk hasap edilip, halkara diplomatiýanyň merkezidir.

BMG-niň Baş Assambleýasynyň ilkinji mejlisi 1946-njy ýylyň 10-njy ýanwarynda Londonda açylýar. Baş Assambleýanyň sessiýalary ilki Londonda, soňra Parižde geçirilýär. 1952-nji ýyldan soňra bolsa, her ýyl diýen ýaly, Nýu-Ýorkdaky ştab-kwartirada geçirilip başlanýar. Guramanyň esasy wezipesi halkara parahatçylygy we howpsuzlygy saklamakdan, adam hukuklaryny goramakdan, ynsanperwer kömeklerini ugratmakdan, durnukly ösüşi we klimatyň üýtgemeginiň öňüni almaga goldaw bermekden ybaratdyr.

# Türkmenistan – BMG: sanlar we maglumatlar

- 1992-nji ýylyň 2-nji martynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 46-njy sessiýasynyň 82-nji mejlisinde Türkmenistan Birleşen Milletler Guramasynyň agzalygyna kabul edildi.
- Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 1995-nji ýylyň 12-nji dekabrynda 185 döwletiň, 2015-nji ýylyň 3-nji iýunynda 193 döwletiň goldamagynda hem-de 2025-nji ýylyň 21-nji martynda kabul eden «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» atly Kararnamalary esasynda Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýy üç gezek ykrar edildi. Ýurdumyz Bitaraplyk hukuk ýagdaýyny özüniň Konstitusiýasynda beýan eden ýeke-täk döwletdir.
- 2007-nji ýylyň 10-njy dekabrynda BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň ştab-kwartirasy Aşgabatda dabaraly ýagdaýda açyldy.
- 2017-nji ýylyň 2-nji fewralynda Türkmenistanyň başlangyjy bilen BMG-niň Baş Assambleýasynyň 71-nji sessiýasynyň çäklerinde 12-nji dekabry «Halkara Bitaraplyk güni» diýip yglan etmek hakynda Kararnama kabul edildi.
- 2018-nji ýylyň 12-nji aprelinde Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 72-nji sessiýasynyň 82-nji mejlisinde Türkmenistanyň başlangyjy bilen 3-nji iýuny Bütindünýä welosiped güni diýip yglan etmek hakynda Kararnama kabul edildi.
- 2018-nji ýylyň 13-nji iýunynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 72-nji sessiýasynyň 96-njy mejlisinde Türkmenistan guramanyň Ykdysady we Durmuş Geňeşine (ECOSOC) 2019-2021-nji ýyllar döwri üçin agzalygyna saýlanyldy.
- 2019-njy ýylyň 7-nji maýynda Birleşen Milletler Guramasynyň Ykdysady we Durmuş Geňeşiniň guramaçylyk meseleleri boýunça mejlisinde Türkmenistan onuň üç sany möhüm edarasyna: 2020-2022-nji ýyllar üçin Bütindünýä Azyk maksatnamasynyň Ýerine ýetiriji Geňeşine, 2020-2024-nji ýyllar üçin Birleşen Milletler Guramasynyň Ilat we ösüş Komissiýasyna we 2020-2023-nji ýyllar üçin Neşe serişdeleri boýunça Komissiýasyna saýlandy.
- 2019-njy ýylyň 12-nji sentýabrynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 73-nji sessiýasynyň 106-njy umumy mejlisinde Türkmenistanyň başlangyjy bilen «2021-nji ýyl – Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» atly Kararnama kabul edildi.
- 2020-nji ýylda Türkmenistanyň başlangyjy bilen, Birleşen Milletler Guramasynyň çäklerinde parahatçylygyň, howpsuzlygyň we durnukly ösüşiň bähbidine Bitaraplygyň dostlary topary döredildi. Bitaraplygyň dostlary toparyna agza ýurtlaryň parlamentleriniň ýolbaşçylarynyň «Parahatçylygy we dialogy berkitmekde parlament hyzmatdaşlygynyň orny» atly birinji duşuşygy 2024-nji ýylyň 15-nji fewralynda Aşgabatda geçirildi. Häzirki wagtda Bitaraplygyň dostlary toparynyň düzümine 20-den gowrak döwlet agza bolup durýar.
- 2022-nji ýylyň 6-njy dekabrynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 77-nji sessiýasynda Türkmenistanyň başlangyjy esasynda «2023-nji ýyl – Parahatçylygyň kepili hökmünde dialogyň halkara ýyly» atly Kararnama kabul edildi.
- 2023-nji ýylyň 5-nji aprelinde Birleşen Milletler Guramasynyň Ykdysady we Durmuş Geňeşiniň (ECOSOC) Guramaçylyk mejlisinde Geňeşiň kömekçi edaralarynyň agzalyklaryna saýlawlar geçirildi. Saýlawlaryň dowamynda ECOSOC-yň agzalary 2024-2026-njy ýyllar üçin Türkmenistany ÝUNISEF-iň Ýerine ýetiriji geňeşiniň agzalygyna biragyzdan saýladylar. Belläp geçsek, Türkmenistan 2018-2020-nji ýyllarda hem ÝUNISEF-iň Ýerine ýetiriji geňeşiniň agzalygyna saýlanypdy we wezipelerini üstünlikli ýerine ýetiripdi.
- 2024-nji ýylyň 21-nji martyndaky Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 78-nji sessiýasynyň 63-nji plenar mejlisinde «2025-nji ýyl – Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» atly Kararnama kabul edildi. Bu resminama 86 döwletiň awtordaş bolup çykyş etmeginde biragyzdan goldanyldy.
- Türkmenistan häzirki wagta çenli BMG-niň Baş Assambleýasynyň 58-nji, 62-nji, 64-nji, 68-nji, 71-nji, 75-nji, 77-nji we 79-njy sessiýalaryna wise-başlyklyga saýlandy.

## Halkara parahatçylyk güni

**Her ýylyň 21-nji sentýabrynda Halkara parahatçylyk güni bellenilip geçilýär. Halkara parahatçylyk güni 1981-nji ýylda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan döredilýär. 2001-nji ýyldan halkara derejesinde bütin dünýäde bellenilip başlanan bu senäniň esasy maksady adam hukuklaryny goramakdan, zorluklary ýatyrmakdan we dünýäde parahatçylygy üpjün etmekden ybaratdyr. Bu ýyl «Parahatçylyk dünýäsi üçin häzir hereket ediň» şygary bilen bellenilen Halkara parahatçylyk güni mynasybetli jemgyýetçilik guramalary bilen amaly maslahatlar, pikir alyşmalar we okuw sapaklary geçirildi. Parahatçylyk ýaşaýşyň we döwletara gatnaşyklarynyň esasy sütünleriniň biridir.**




## Halkara Bitaraplyk güni

**Her ýylyň 12-nji dekabrynda dünýäde parahatçylygy üpjün etmek, asudalygyň wajyplygyny we ähmiýetini düşündirmek maksady bilen, Halkara Bitaraplyk güni uludan bellenip geçilýär. 2017-nji ýylyň 2-nji fewralynda Türkmenistanyň başlangyjy bilen BMG-niň Baş Assambleýasynyň 71-nji sessiýasynyň çäklerinde 12-nji dekabry «Halkara Bitaraplyk güni» diýip yglan etmek hakynda Kararnama kabul edildi.**



**Her ýyl bu şanly sene mynasybetli ýurdumyzda we dünýäde halkara forumlar, çäreler we pikir alyşmalar geçirilýär. Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk syýasaty halkara parahatçylygy, howpsuzlygy we durnukly ösüşi üpjün etmekde möhüm orun eýeleýär. Hemişelik Bitarap ýurdumyzyň dünýäde parahatçylygy üpjün etmek ugrundaky tagallalary halkara jemgyýetçiligi tarapyndan giň goldawa eýe bolýar.**

«Garagum Ulag» H. J.

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň şanly 30 ýyllygy bilen tüýs ýüregimizden, mähirli gutlaýarys!

